# Eý, meni aýyplaýan, gel, meni yşkdan gutar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eý, meni aýyplaýan, gel, meni yşkdan gutar…



Eý, meni aýyplaýan, gel, meni yşkdan gutar,
Eliňden gelmez ise, söýleme pasyt habar.
Hiç kimse kendiden haldan hala gelmedi,
Aşyklaryň janyna magşuka urar müň kär.

Aşyklaryň ahwaly magşuk gatynda biter,

Sözüň bar, oňa söýle, meniň elimde näm bar?

Her kim yşk kadahyndan içdi ise bir jurga,
Oňa ne ýat, ne biliş, oňa ne esrik, ne humar.

Dost ýüzünden nykaby her kim gidirdi ise,
Hyjat galmady oňa aýry ne haýr-u ne şer.

Şerigat edebinden gorkaram söýlemäge,
Ýogsa aýdaýdym saňa dagy aýryksy habar.

Dost gylyjyndan Ýunus öler ise, gam degil,
Dost gögünde batanlar, magşuk burçundan dogar. Goşgular